# Zaratuştra şeýle diýdi / filosofiki roman

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Zaratuştra şeýle diýdi / filosofiki roman **ZARATUŞTRA ŞEÝLE DIÝDI**




- **Awtor hakda gysgaça maglumat**

*Fridrih Nisşe 1844-nji ýylyň 15-nji oktýabrynda Prussiýa korollygynyň Saksoniýa welaýatynyň Rýokken obasynda dogulýar. Lýuterçi ruhany bolan kakasy Fridrih heniz bäş ýaşyndaka "beýnisini şepbige öwrüp taşlan" ýykylma zerarly aradan çykansoň, Nisşäniň ejesi, iki daýzasy, enesi, uýalary bilen bile Naumburg şäherine göçýär. Sosial we dini düzgün-tertipler bilen gurşalan durmuşy ony geplemezek häsiýetli adam edip ýetişdirýär. 1857-nji ýylda, ýagny heniz on üç ýaşyndaka özüniň ilkinji awtobiografiýasyny ýazýar. Hudaý we dünýädäki horluklaryň çeşmesi onuň aňyndaky iň uly soraglary örboýuna galdyrdy. 1864-nji ýylda klassyky pelsepe we teologiýa ugrundan okamak üçin Bonn uniwersitetine gidýär we bir ýyldan soň Fridrih Riçl bilen bile Leýpsig uniwersitetine geçýär. Ol ýerde Artur Şopengaueriň pelsepesini çuňňur öwrenmäge başlaýar, Rihard Wagner bilen dostlaşýar. 1867-nji ýylda Diogen Laertskiý hakda ýazan makalasy baýraga mynasyp bolýar, soň ol harby gullukda bolýar. Riçliň goldawy bilen heniz doktorlyk dissertasiýasyny gutarmandygyna garamazdan, 1869-njy ýylda bazelde klassyky pelsepe boýunça professorlyga*

*bellenýär. Nisşäniň Bazelde beren leksiýalary “Tragediýanyň döreýşi” atly eseriniň süňňüni düzýär. Saglygynyň ýaramazlaşyp başlamagy bilen 1879-njy ýylda wezipesinden boşadylýar. Akyldar mundan soňky on ýylyny ýalňyzlykda, ýöne diňe oý-pikire çümüp geçirýär. Klassyky filosofiýadan bütinleý daşlaşyp, özüni pelsepä bermegi döredijiliginiň naýbaşy eseri “Zaratuştra şeýle diýdini” ýazmagyna iterdi. Özüne gelejegiň ýazyjysy diýip baha beren Nisşe aşa köp işlemekden, ýekelikden we çekýän gaýgy-hasratlaryndan ýaňa aklyndan azaşyp, 1900-njy ýylda aradan çykýar.*

## ZARATUŞTRA ŞEÝLE DIÝDI



Birinji bölüm
Zaratuştranyň giriş nutugy

1.

Zaratuştra otuz ýaşanda ýurduny we kölüni taşlap daglara gitdi. Ol ýerde on ýyllap arman-irmän ruhuny we ýalňyzlygy diňledi. Ýöne soňabaka kalby başgalaşdy – bir gün irden turdy, Günüň öňüne geçdi we oňa şeýle diýdi:
– Eý, beýik ýyldyz. Belki-de, ýagtylandyranlaryň bolmasa, bagtlylygyň derege ýaramazdy!
On ýylyň dowamynda her gün şu ýere – gowaga geldiň: men, bürgüdim we ýylanym bolmasa, şuglaňdan we bu ýoldan bizar bolardyň.
Emma biz her gün irden saňa garaşdyk, bolçulygyňdan peýdalandyk, seni şunuň üçin alnymyza syldyk.
Seret, köp şire toplan bal arysy ýaly danalygymdan ýadadym,

maňa sary uzalan ellere mätäçligim bar.
Adamlaryň arasyndaky danalar akmaklyklaryna, garyplar baýlyklaryna guwanýança serpaý beresim we paýlasym gelýär.
Munuň üçin, eý baý ýyldyz, seniň agşamlaryna deňiziň aňyrsyna geçip, ýeriň astyna ýagtylyk äkidişiň ýaly, maňa-da aşak düşmek gerek.
Adamlaryň sözi bilen aýdanda, menem seniň kimin olaryň arasyna batmaly bolýan.
Şeýle bolýan bolsa, meni alnyňa syl, eý, iň uly bagtyýarlyga-da görübilmezçilik etmän, sowukganly garap bilýän göz!
Dolup-daşasy gelýän pyýalany alnyňa syl, suw altyn bolup aksyn we her ýere seniň soňsuz şatlygyňy çaýsyn!
Seret! Bu pyýalanyň boşasy gelýär, Zaratuştranyň ýene adam bolasy gelýär.
Zaratuştranyň batyşy şeýdip başlady.

2.

Zaratuştra ýeke özi dagdan indi, ýolda hiç kime duşmady. Emma tokaýlyk ýere gelende, birdenkä öňünden ot-çöpleriň köküni çöplemek üçin mukaddes külbesinden çykyp gaýdan ýagşyzada çykdy. Ýagşyzada Zaratuştra şeýle diýdi:
– Bu gezende maňa keseki däl, nijeme ýyl öň şu ýerden geçip gidipdi. Zerduşt bolmaly ady, ýöne tanalmaz derejede üýtgäpdir.
Şol wagtlar külleriňi daga daşaýardyň, indi ataşyňy derelere inderjek bolýarmyň? Ýangyn çykaryjylara berilýän jezalardan gorkaňokmy?
Hawa, Zaratuştra ýadyma düşdi. Nazary arassa, agzynda awuly sözler gizlenenok. Tans edýän ýaly ýöränokmy?
Zaratuştra özgeripdir, çaga ýaly bolaýypdyr, oýanypdyr. Şindi näme gözleýäň uklap ýatanlaryň arasynda?
Ýalňyzlyk içre deňizde ýalydyň, deňiz seni üstünde saklaýardy. Ýogsa-da indi gury ýere çykyp, bedeniňi ýene özüňe getiresiň gelýärmi?
Zaratuştra jogap berdi:
– Adamlary söýýärin.

– Nämüçin tokaýa we ýalňyzlyga çeklendirin öýdýäň – diýdi goja. – Adamlary söýýänim üçin, şeýle dälmi?
Häzir adamlary däl-de, Hudaýy söýýärin. Adam maňa söýerden juda pes gelýär. Adamy söýsem, men bireýýäm ýok bolup giderdim.
– Men söýgüden söz açmadym-a! Adamlara serpaý getirýän.
– Olara hiç zadam berme – diýdi ýagşyzada. – Olaryň ýüküniň bir bölegini al we bile göter – olara ýaran, saňa-da ýarar.
Barybir olara bir zat beresiň gelýän bolsa, diňe sadaka ber, özem olar berjek sadakaň üçin saňa ýalbarsynlar.
– Ýok – diýip jogap berdi Zaratuştra. – Men sadaka bermen. Munuň şolar ýaly derejede garyp däl.
Ýagşyzada Zaratuştranyň bu sözüne güldi we şeýle diýdi:
– Onda doga et, olar seniň baýlygyňy ykrar etsin. Monahlara ynanmaýandyklary üçin sadaka paýlamaga gelenimize ynanmazlar.
Biziň köçedäki aýak sesimiz olaryň gulagyna ýeke-ýalňyz aýak sesi bolup eşdiler. Gün dogmanka düşeklerinde ýatyrkalar bir adamyň aýak sesini eşitseler, “bu ogry nirä barýarka” diýip pikirlenýärler.
Adamlara golaýlaşma, tokaýda gal! Iň gowsy, haýwanlaryň ýanyna git! Nämüçin meniň ýaly aýylaryň arasynda bir aýy, guşlaryň arasynda bir guş bolasyň gelenok?
– Ýeri, ýaşuly, sen tokaýda näm işleýäň? – diýip sorady Zaratuştra.
Ýagşyzada jogap berdi:
– Men aýdym düzýärin we aýdýaryn, aýdym düzende gülýärin, aglaýaryn, hüňürdeýärin, şeýdip Hudaýa öwgüli nagmalary düzýän.
Aýdym aýdyp, aglap, gülüp, hüňürdäp, Hudaýyma nagmalary düzýän. Emma sen bize serpaý hökmünde nämeleri getirýäň?
Bu sözleri eşiden Zaratuştra ýagşyzadanyň öňünde baş egdi we şeýle diýdi:
– Men size näme berip bilerkäm! Meni derhal öz ugruma goýber, sizden hiç zat alman gideýin.
Şeýlelikde ýagşyzada bilen Zaratuştra iki oglan çagajyk şady-horram ýagdaýda hoşlaşdylar.
Zaratuştra ýeke özi galanda, kalby bilen gürleşip başlady:

“Beýle zat mümkinmi? Bu ýagşyzada tokaýda gezip ýörşüne hudaýyň ölendiginden häzirem habarsyz bolup bilermi?”

3.

Zaratuştra tokaýa iň ýakyn şähere gelende, bazar meýdanynda ep-esli märekäniň ýygnanandygyny gördi. Jarçy ýüpüň üstünde ýöreýän bir darbazyň çykyş etjegini jar çekipdi. Zaratuştra ýygnanan märekä şeýle seslendi:
– Size Kämil adamyň nähili bolýandygyny öwredeýin. Adam üstünden aşyp geçmeli zatdyr. Ony aşmak üçin näme etdiňiz?
Maýmyn ynsan üçin näme manyny aňladýar? Bir gülki ýa-da gynanç doly bir utanç. Adam Kämil adam üçin hut şeýle-de bolmaly: bir gülki ýa-da gynanç doly bir utanç.
Soguljandan ynsana çenli uzalyp ýatan ýol bar yzyňyzda, emma köp tarapyňyz häzirem soguljanlygyna galýar. Bir mahallar maýmyndyňyz we adam şindizlerem haýsydyr bir maýmyndan has beter maýmyn. Iň danaňyza çenli ösümlik bilen suduryň arasyndaky çaprazlyk, ikisinden emele gelen dürüşde. Emma size diňe ösümlik ýa-da gaýmalaýan sudur bolmagy maslahat berýänmi?
Serediň, men size Kämil adamyň nämedigini öwredýärin.
Kämil adam dünýäniň manysydyr. Kämil adamyň dünýäniň manysydygyny içiňize siňdiriň!
Size ýalbarýan doganlarym, dünýäge sadyk boluň we tebigatdan daşarky umytlardan söz açýanlara ynanmaň!
Bular bilip ýa bilmezden daş-töwereklerine zäher sepeleýärler.
Bular durmuşy ejiz görýärler, ölüm ýassygynda we hut öz-özlerini zäherleýärler. Dünýä bulardan iripdir, goý, olary öz ýoluna goýbereliň, ýok bolup gitsinler!
Bir mahallar Hudaýa şek ýetirmek iň uly güneleriň biridi, emma soňra hudaý öldi we onuň bilen birlikde bu günäkärler-de öldi.
Häzir dünýäge küpür etmek we nämälimligiň içegelerine dünýäniň manysyndan has köp baha kesmek iň ýaman zat boldy.
Bir mahallar ruh bedeni äsgermeýärdi, şol wagtlar bu äsgermezlik belentlik hasap edilerdi. Ruh bedeniň gowşak, göze gelüwsiz görünmegini, gury ham-süňk bolup galmagyny isleýär, şeýdip ondan we dünýäden gutularyn öýdýär.

Emma bu ruhuň hut özi gowşak, ýigrenji görünýärdi we tutuksylyk onuň iň halaýan zadydy.
Ýöne, siz, doganlarym, aýdyň maňa: Siziň bedeniňiz ruhuňyz hakda näme düşünýärkä? Ruhuňyz bolgusyzlygy we hapalygy aňlatmaýarmy, kemis bir keýp halynda dälmi?
Adan hakykatdanam hapa suwly çeşme. Hapa suwly çeşmäni zaýalanmanka içiňe dolap almak üçin deňiz bolmaly.
Serediň, size Kämil adamyiň nämedigini öwredýärin, Kämil adam, ine, şul deňizdir, ony äwmezligiňiz deňiziň içinde ýok bolup gider.
Başyňyzdan geçirip biljek iň uly zadyňyz näme? Äsgermezlik edýän pursatyňyzdyr. Birmeňzeş mantygyňyz we hoşgylawlylygyňyz ýaly, bagtlylygyňyzyň-da size iniňi üýşendiriji gelýän pursatydyr.
“Bagtlylygym näme sebäpli juda gymmatly bolmaly? Bagtlylyk nalajedeýin, hapa we sepil duýgudyr. Eýsem meniň bagtlylygym ýaşaýşyň hut özüni hakly çykarmaly” diýen pursatyňyzdyr.
“Mantygym näme sebäpli juda gymmatly bolmaly? Ýolbarsyň eti arzuwlaýşy ýaly bilmegi arzuwlaýarmy? Mantyk nalajedeýin, hapa we sepil duýgudyr” diýen pursatyňyzdyr.
“Hoşgylawlylygym näme sebäpli juda gymmatly bolmaly? Ol meni heniz gaharlandyrmady. Ýagşy we ýaman taraplarymdan ýaýadym. Bularyň barsy nalajedeýin, hapa we sepil duýgy” diýen pursatyňyzdyr.
“Adalatyň näme gymmaty barmyş? Merhemet adamlary söýýän kişiniň çüýlenen haçy dälmi? Emma meniň merhemetim haça germek däl” diýen pursatyňyzdyr.
Bulary diýipmidiňiz, şeýle diýip gygyrypmydyňyz? Wah, käşgä şeýdip gygyranyňyzy eşiden bolsadym.
Günäňiz däl-de, kanagatlylygyňyz, günä iş edeniňizde-de edýän husytlygyňyz ýetjek derejesine ýetdi.
Sizi dili bilen çawlap almagyna garaşýan ýyldyrymyňyz nirede? Sanjym arkaly teniňize goýberiljek dälilik nirede?
Serediň, size Kämil adamyň nämedigini öwredýärin. Kämil adam, ine, şol ýyldyrymdyr, kämil zehin şol dälilikdir.
Zaratuştra şeýle diýenden soň köpçüligiň arasyndan biri “Darbazy ýeterlik diňledik, indi bize hünärini-de görkezsin!”

diýip gygyrdy. Onuň bu sözlerinden soň hemmeler Zerduştyň üstünden güldi. Özüne ýüzlenilendir öýden darbaz bolsa tomaşasyna taýýarlandy.

4.

Zaratuştra köpçülige seretdi we geň galdy. Soňra şeýle diýdi:
– Adam haýwan bilen Kämil adamyň arasyna gerilen ýüpdür, astynda uçurum bolan ýüp.
Howply tarapa geçelge, howply ýol, howply yza serediş, howply howpurgama we säginme.
Adamy beýik edýän zat – onuň maksat däl-de, köpri bolmagydyr, adamy eý gördürýän zat batalga we geçelge bolmagydyr.
Ýaşamagy oňarmaýanlary söýýärin, batmagy bilseler bes, çünki olaram aňry tarapa geçenlerdir.
Uly äsgermezçilik edýänleri söýýärin, çünki olar hormat goýýanlardyr we garşydaky ýaka gönükdiren küýseg oklaryny ýasanlardyr.
Batmak we gurban edilmek üçin ýyldyzlaryň aňyrsynda bir sebäp gözlemezden dünýäniň kämil zehinlere dahylly bolmagy üçin özlerini dünýäge pida edenleri söýýärin.
Aňlamak üçin ýaşaýany we gelejekde Kämil adamyň ýaşabilmegi üçin aňlamak isleýäni söýýärin. Bular ýaly adam batalgasynyň şeýle bolmagyny isleýär. Kämil adamyň öýüni gurmak, ýerini, haýwanlary we ösümlikleri onuň peýdalanmagyna taýýarlamak üçin işleýäni we muňa dogry düşünýäni söýýärin, çünki ol şeýle batmagy isleýär.
Hoşgylawlylygyny söýýäni söýýärin, çünki hoşgylawlylyk batmagy islemekdir, bir küýseg okudyr.
Özi üçin bir damja ruh almazdan durky bilen hoşgylawynyň ruhy bolmak isleýäni söýýärin, bu kişi köprüden ruh bolup geçýändir.
Hoşgylawyndan durşuny we ýazgydyny çykarýany söýýärin, bu kişi hoşgylawy üçin ýaşamagy we ölmegi isleýändir.
Has köp hoşgylawa eýe bolmak islemeýäni söýýärin. Bir hoşgylaw iki hoşgylawdan has hoşgylawlydyr, çünki ol hoşgylaw ýaman ýazgydyň aslyşan has köp düwnüne eýedir.

Ruhuny azat harçlaýany, sagbolsun aýdylmagy islemeýäni we aýtmaýany söýýärin, çünki bular ýaly adam hemişe serpaý ýapýar, eýelik edýän zatlaryny goramak islemeýär.
Aşygy alçy gopanda utanýany we öz-özüne “Hile eden bolaýmaýyn?” diýip hasap soraýany söýýärin, çünki ol ýok bolmak isleýär.
Bir işiň başyny başlamanka ilki daş-töweregine ýagşy sözler ýagdyrýany we ýene-de beren wadalaryndan has köpüsiniň yzynda durýany söýýärin, çünki ol ýok bolmak isleýär.
Geljekdäkileri hakly görkezýän we geçmişdäkileri arassalaýanlary söýýärin, çünki ol häzirkiler tarapyndan heläk edilmek isleýär.
Hudaýyny, söýendigi üçin jezalandyrýany söýýärin, çünki ol Hudaýynyň gazaby bilen heläk bolmak isleýär.
Ýaraly-da boplsa ruhy çuňlukda ýüzýäni we ownuk bir waka sebäpli ýok bolup gidýäni söýýärin, bular ýalylar köprüden höwes bilen geçýändirler.
Ruhy dolup-daşýandygy üçin özüni ýatdan çykarany we hemme zady içinde göterýäni söýýärin, bular ýalylar her dürli sebäp bilen çökýändirler.
Azat ruhy we kalby barlary söýýärin, bular ýalylaryň akyl-huşy bilen kalplary bir bolýar, emma kalplary olary çöküşlige iterýär.
Adamlaryň üstünde sallanyp duran gara bulutlaryň içindäki dwüme-düwme damjalary söýýärin, bular ýyldyrymdan habar berýär we habarçy bolup ýok bolýarlar.
Serediň, men ýyldyrymyň habarçysy we bulutyň içindäki agyr damjadyryn, ýyldyrymyň özi bolsa Kämil adamdyr.

5.

Zaratuştra sözläp bolansoň, köpçülige göz aýlady we geplemän durdy. Öz ýüregine “Ine, duran ýerlerinde gülüşýärler. Maňa düşünenoklar, meň agzymdan çykýan sözler bu gulaklara görä däl” diýdi.
Gözleri bilen diňlemäni öwrenmekleri üçin gulaklaryny parçalamalymy, deprek kakmalymy ýa-da günäden saplaýan poplar

ýaly galmagal etmelimi? Ýa bolmasa diňe käkeläniňde ynanýarlarmy?
Buýsanýan bir zatlary bar. Näme diýýärdiler-ä buýsanýan zatlaryna? Hä, hawa, bilim diýýärler özlerini geçi çopanyndan tapawutlandyrýan zada.
“Äsgermezlik etme” sözüni şonuň üçin halanoklar. Onda men az-owlak bularyň buýsançlaryna ýüzleneýin.
Olara iň äsgerilmeýän kişiden – iň soňky adamdan söz açaýyn.
Şeýdip Zaratuştra köpçülige ýüzlendi:
– Adamyň özüne belli bir maksat tutmagyna wagt ýetdi. Adamyň iň uly umytlary üçin bir tohum ýetişdirmeginiň wagty geldi.
Toprak munuň üçin ýeterlik derejede baý. Emma günleriň bir güni arryklar we öz bagryndan uly agaç çykaryp bilmez.
Waý günümize, adamyň küýsegleriniň okuny öz aňyrsyna atmadyk we okunyň ýaýyny germegi ýatdan çykaran wagtlary gelip ýetende.
Size diýýärin, tans edýän ýyldyz dogrup bilmek üçin adamyň içinde haos bolmaly, siziň içiňizde häzirem haos bar.
Waý günümize, adamyň bir ýyldyz dogrup bilmedik wagtlary gelip ýetende. Waý günümize, özüni özi pes görmeýän iň pes adamyň wagty gelip ýetende.
Serediň, size iň soňky adamy görkezeýin.
Iň soňky adam “Söýgi näme? Ýaradylyş näme? Küýseg näme? Ýyldyz näme?” diýip soraýar we gözüni gyrpýar.
Dünýä kiçeldi. Hemme zady kiçelden iň soňky adam bu dünýäniň üstünde towsaklaýar. Ol ekine düşen sakyrtga ýaly, nesliniň ýok edilmegi mümkin däl. Iň soňky adam iň uzak ýaşajak adamdyr.
Iň soňky adamlar “Bagtlylygy biz oýlap tapdyk” diýip, gozlerini gyrpýarlar.
Ýaşamak üçin kyn ýerleri taşladylar, çünki adamyň ýylylyga mätäçligi bar. Baş ujundakylary söýýär we olara sürtenýär, sebäp ýylylyga mätäçlik duýýarlar.
Syrkawlamak we ynanmazlyk olara günä ýaly bolup görünýär, ätiýaçly hereket edýärler. Häzirem daşlara we adamlara aslyşyp büdräp ýörenler akmakdyr.
Aram-aram az-uçuk zäher almak süýji düýşleri gördürýär. Ýoluň

ahyrynda lomaý zäher owadan ölümi getirýär.
Heniz işlemeli, çünki iş güýmenjedir. Emma güýmenjäniň adamy sarsdyrmazlygyna üns bermeli.
Indi baý we garyp ýok, ikisi-de köp zähmet talap edýär. Kim häzirem höküm sürmek, kim ytagat etmek isleýär? Her ikisi-de örän hupbatly iş.
Çopansyz süri. Hemmeler şol bir zady isleýär, hemmeler bir-birine meňzeýär, tapawutly duýup bilýänler meýletin ýagdaýda dälihana girmeli bolýar.
Hoşamaýlar "öň bütin dünýä dälidi" diýip, gözlerini gyrpýarlar.
Adam akyllydyr we bolup geçen ähli zady bilýär, şonuň üçinem ýaňsylamalar gutarmaz. Adamlar jedelleşýär, köp wagt geçmänem ýaraşýar, ýaraşman gezmek işdäňi bozýar.
Gündiz almaly keýpler, gije almaly keýpler bar, ýöne ikisinde-de saglygyňy ünsden düşürmeli däl.
Soňky adamlar "Bagtlylygy biz oýlap tapdyk" diýip, gözlerini gyrpýarlar.
Şu ýerde Zaratuştranyň giriş nutugy doýlen ilkinji wagyzy soňlandy, çünki edil şol wagt mähelle wagyrdaşyp: "Bize diýýän soňky adamyňy ber, Zaratuştra, bizi soňky adama öwür. Şol wagt bizem saňa Kämil adamy bereli" gygyrdylar welin, nutugyny kesdi. Mähelle sykylyk atýardy, dillerini jukguldadýardy. Emma Zaratuştranyň gahary geldi, öz-zöüne şeýle diýdi:
— Maňa düşünenoklar, agzymdan çykýan sözler bu gulaklara görä däl.
Dagda uzak wagtlap ýaşamda çeşmeleriň we agaçlaryň sesine köp gulak asdym. Häzir bular bilen gürleşmek çopan bilen gürleşenden enaýy däl.
Häzir maňa seredip gülýärler, hem meni ýigrenýärler. Gülküleri buz ýaly sowuk.

6.

Edil şol pursatda agyzlary kilitläp, gözleri doňduryp taşlan bir zat boldy. Şol ikiarada darbaz işine başlady, penjireden başlap, iki diňiň arasynda gerilen, ýagny, bazaryň we

köpçüligiň üstünde hallan atyp duran ýüpde ýöremäge başlady. Ol ýolunyň ýarsyna gelende, penjire ikilenç açyldy we masgarabaz tüýsli adam daşaryk atylyp, çalt-çaltdan ädimläp, birinji darbazyň yzyna düşdi. Ol bir ýandan çirkin sesi bilen “Ýöresene, agsak nejis, solgun meňizli geleňsiz! Ne işiň bar bärde? Şu diňe tussag etmeli seni. Senden has çalt ýöreýäniň ýoluny baglaýaň” diýip, öňündäkä ýakynlaşyp barýardy. Olaryň arasynda bary-ýogy ýekeje ädim galanda, hemmeleriň agzyny uçukladan bir zat boldy, yzdan gelen adam şeýtanpisint sesi bilen gygyrdy-da, birinjiniň üstünden ätledi. Bäsdeşine ýeňilendigini bilen darbaz bolsa deňagramlylygyny ýitirdi, elindäki syrygy zyňdy, gol-aýaklardan dörän tüweleý ýaly syrygy-da yzda goýup çöketlige düşdi. Bazar mähellesi tupanyň gamçylaýan deňzine meňzeýärdi. Aýratynam howadaky göwräniň düşerine garaşylan ýerde hemmeler eýläk-beýälk gaçyşdy.
Emma Zaratuştra duran ýerinden gymyldamady, göwre gelip onuň ýanjagazyna düşdi. Darbaz endamy mazaly ýenjilipdi, döwülmedik ýeri ýokdy, ýöne heniz içinde jany bardy. Biraz wagtdan soň özüne geldi. Ol zaratuştranyň ýanynda dyza çökenini görüp “Näme edýäň bärde? Şeýtanyň haçanam bolsa bir gün maňa badak atjagyny bilýärdim. Indem meni dowzaha äkider. Muny beýtmäge päsgel berjek bolýaňyzmy?” diýdi.
– Dostum, maňa ynan, bu aýdýanlaryň hiç birisi ýok – diýip jogap berdi Zaratuştra. – Ne şeýtan, ne-de dowzah. Ruhuň bedeniňden çalt öler, hiç zatdan gorkup oturmagyň geregi ýok.
Darbaz gaşlaryny ýygryp seretdi-de:
– Gaty dogry aýdýaň, ömür tanapym üzülensoň, hiç zady ýitirdigim bolanok. Taýaklanyp, aç goýlup, tasn öwredilen haýwandan parhym barmy nä? – diýdi.
– Ýok – diýip, garşylyk berdi Zaratuştra. – Howp-hatary kär edinipsiň, munuň üçin utanja galar ýaly zat ýok. Şindizem käriň gurbany bolduň, munuň üçin seni öz ellerim bilen jaýlaryn.
Zaratuştra muny aýdanda, ölüp barýan adam jogap bermedi, ýöne minnetdarlygyny bildirmek üçin Zaratuştranyň elini sermeýän ýaly çalaja elini gymyldatdy.

7.

Garaňky gatlyşdy, bazar tümlüge bürendi, halk öýli-öüne dagady, çünki bilesigelijilikdir gorky hem ahyrynda ýeňildi. Emma ölümiň ýanynda ýere oturyp, oý-pikire batan zaratuştra wagty ýatdan çykardy. Ahyrynda gije ýarym boldy, sowuk şemal ýalňyzlygynyň üstüne çökdi. Mundan soň Zaratuştra dikeldi we kalbyna şeýle diýdi:
– Zaratuştranyň şu gün hakykatdanam awy şowlady. Adam bolmasa-da, jeset…
Adamyň barlygy juda gorkunç, hiç hili manysy ýok. Bir masgarabaz onuň şum takdyry bolup bilýär.
Adamlara barlyklarynyň manysyny, ýagny adam bulutynyň ýyldyrymy bolan Kämil adamyň nämedigini öwrederin.
Emma men olara heniz daş, meniň düşünjelerim olaryň düşünjelerine ilteşmeýär. Olaryň nazarynda men şatyr bilen jesediň arasyndaky zat ýaly.
Gije tümlük, Zaratuştranyň ýollary-da tümlük. Gel, bakaly, sowan we gatan ýoldaş! Seni elim bilen gömjek ýerime äkideýin.

8.

Zaratuştra bulary ýüregine aýdandan soň, ölini arkasyna aldy we ýola düşdi. Heniz ýüz ädim ätmänkä, biri ýuwaşlyk bilen ýanyna ýakynlaşdy we onuň gulagyna pyşyrdady, ol pyşyrdaýan diňdäki masgarabaz tüýsli adamdy.
– Bu şäherden git, Zaratuştra – diýdi masgarabaz. – Bärde seni ýigrenýän adam köp. Ýagşylar we adyllar seni halanok, seni duşman hem-de äsgermeýän adam hasaplaýarlar. Dogry ynanjyň möminleri-de seni ýigrenýär we seni köpçülige abanýan howp hasaplaýarlar. Üstüňden gülmeleri gaýtam saňa gowy boldy, hakykatdanam gepleýän zatlaryň masgaraçylyk. Bu öli ite eýe çykmagyň saňa gowy boldy. Özüňi şeýle bir pese düşürdiň welin, şu günlükçe halas bolduň. Ýöne bu şäherden garaňy saýla, ýogsa ertir bir jandaryň öliniň üstünden böküşi ýaly seniň üstünden bökerin.
Adam bulary diýenden soň gözden ýitdi, emma zaratuştra şäheriň garaňky ýollarynda ýoluna dowam etdi.

Şäheriň derwezesiniň agzynda mazar gazyjylar a duşdy, mazar gazyjylar ellerindäki otly kesewileri onuň ýüzüne tutdular, Zaratuştrany tanap onuň üstünden güldüler:
– Zaratuştra öli iti alyp barýar. Zaratuştranyň mazar gazyjylyga başlamagy gowy boldy. Çünki biziň elimiz munuň ýalylary gömerden arassadyr. Ýogsa-da Zaratuştra şeýtanyñ lukmasyny ogurlajak bolýarmyka? Beýle bolsa-ha, işdäň açyk bolsun! Ýöne seresap bol, şeýtan Zaratuştradan has ökde ogry bolaýmasyn? Ol ikiňizi-de bile ogurlap, lak-luk atar.
Mazar gazyjylar loh-loh edip gülmäge başladylar.
Zaratuştra olara hiç zat diýmän ýoluna dowam etdi. Tokaýyň we batgalyklaryň içinden geçip, iki sagat ýol ýöredi, gulagynyň düýbünde aç möjekleriň sesi eşdilýärdi, ahyrynda olam ajygýandygyny duýdy.
Zaratuştra “Açlyk garakçy ýaly üstümi basdy” diip hümürdedi. “Açlyk tokaý we batgalyklarda gijäniň garaňkylygyny peýläp üstüme çökdi.
Täsin hüýleri bar açlygyň. Köplenç iýip-içip bolansoň gelýär, şu gün bolsa gara bermedi. Nirededi eýsem?”
Zaratuştra şeýle oý-pikirler bilen gapyny kakdy. Gapyda eli şemli bir ýaşuly göründi. Ol:
– Kimkä bu, meni we ukumy bimaza eden? – diýdi.
– Bir diri we bir öli – diýdi Zaratuştra. – Maňa az-owlak iýer-çer ýaly zat beriň. Uzyn gün ikisini-de ýatdan çykarypdyyn. Açlary doýurýan öz ruhuna ruh gatarmyş, danalar şeý diýýär.
Ýaşuly yzyna öwrüldi, az salymdan soň gelip, Zaratuştra çörek bilen şerap getirip berdi. Ol:
– Bäri açlar üçin däl, şunuň üçin bärde bolýan. Haýwanlar we adamlar maňa – ýaşuly monaha gelýärler. Ýöne ýoldaşyňa-da iýer-içer ýaly zat ber, ol senden has ýadaw görünýär – diýdi.
Zaratuştra jogap berdi:
– Ýoldaşym öli, oňa aýdanymy etdirmek kyn düşer.
– Bu meni gyzyklandyranok – diýip, ýaşuly hüňürdedi. – Gapyny kakan kim bolanda-da, oňa berenimi almaly bolar. Çöregiňizi iýiň, sag-aman oturyň!
Mundan soň zaratuştra ýene ik sagat ýol ýöredi, ol ýola we

ýyldyzlaryň ýagtysyna bil baglady, çünki ol gije ýol ýöremäge ökdedi we ukuda ýatan her bir zady synlamagy gowy görýärdi. Emma daň şapagy gyzaryp ugranda Zaratuştra özüni sümme tokaýlygyň içinden tapdy, öňde-yzda ýol-ýoda görnenokdy. Ol ölini möjeklerden goramak üçin içi boş agajyň içine ýerleşdirdi, özi bolsa otluk meýdana gyşardy. Kän wagt geçmänkä uka gitdi, ol ýadapdy, ruhy tapsyzdy.

9.

Zaratuştra köp ýatdy. Onuň ýüzüne diňe säheriň şöhlesi däl, öýleden öňki günüň şöhlesi-de düşdi. Ahyrynda gözlerini açdy, haýran galmak bilen tokaýa we sessizlige, soňra öz içine göz aýlady. Yzyndan garany gören deňizçi ýaly aýaga galdy we begençli gygyrdy, çünki täze hakykata göz ýetiripdi. Şeýdibem ol öz ýüregine sözlemäge başlady: “Beýnimde ýagtylyk çawdy: Diri ýoldaşlara mätäçlim bar, islän ýeriňe äkidip bolýan ölülere ýa jesetlere däl.
Öz ýolunda gitmek isleýändikleri üçin meniň yzymdan meniň islän ýerime gelibiljek diri ýoldaşlara mätäçligim bar.
Beýnimde ýagtylyk çawdy: Halka zat diýme Zaratuştra, ýoldaşlaryňa diý! Zaratuştra bir sürä hem çopan, hem it bolmasyn!
Sürüden köpüsini aýyrmak, ine, şu pikir kelläme geldi. Goý, halkyň we sürüniň maňa gahary gelsin, çopanlar zaratuştra garakçy diýsin.
Men olara çopanlar diýýärin, ýöne olar özlerini ýagşylar we adyllar diýip atlandyrýarlar. Men olara çopan diýýärin, ýöne olar özlerini dogry ynanjyň möminleri diýip atlandyrýarlar.
Ýagşylara we adyllara seret! Iň köp kimi ýigrenýärler? Olaryň gymmatly ýazgylaryny ýer bilen ýegsan eden ganhordan, munuň özi döredip bilýän adamdyr.
Ähli ynançlaryň möminlerine seret! Iň köp kimi ýigrenýärler? Olaryň gymmatly ýazgylaryny ýer bilen ýegsan eden ganhordan, munuň özi döredip bilýän adamdyr. Döredip bilýän adam kişi jesetleri gözlemez, süridir möminem gözlemez, ýoldaş gözlär. Döredip bilýän adam özi bilen bile bir zatlary döredip

bilýänleri, täze gymmatlyklary täze ýazgylara ýazyp biljek adamlary gözlär.
Döredip bilýän adam ýoldaş gözlär, özi bilen bile hasyl ýygnajak adamlary gözlär, çünki hasyl ýygnamak üçin hemme zat ýetişipdir. Diňe ýüz orak kemdir, döredip bilýän adam tümmülleri ýygar we gaharlanar.
Döredip bilýän adam ýoldaş gözlär, oragyny aýlap oňarýanlary gözlär. Olara ýok edijiler diýler, ýagşylygy we ýamanlygy äwmezekler diýler. Emma olar hasyllary ýygnap we wagtyny hoş geçirip bilýänlerdir.
Zaratuştra özi bilen bile bir zat döredip, hasyl toplap, wagtyny hoş geçirip biljek adamlary gözleýär. Zaratuştranyň süriler, çopanlar, jesetler bilen işi ýok.
Sen bolsa, meniň ilkinji ýoldaşym, rahat ukla! Seni içi köwek agaja negözel edip gömdüm, aç möjeklerden goradym.
Indi seniň bilen hoşlaşmagym gerek, wagtym doldy. Iki şapagyň arasynda täze hakykata göz ýetirdim.
Men çopan bolmaryn, mazar gazyjy-da bolmaryn. Gaýdyp halk bilenem gürleşmek islämok, iň soňky gürleşenim şu öli bolsun.
Döredip bilýänleriň, hasyl toplaýanlaryň, wagtyny hoş geçirýänleriň arasyna goşulasym gelýär. Olara älemgoşary we Kämil adamyň ähli basgançaklaryny görkezesim gelýär.
Monahlara we monahdan aňyrdakylara öz aýdymymy aýdyp bererin. Eşdilmedik zatlara häzirem gulagyny açyp goýanlaryň kalbyny bagtlyýarlygym bilen dolduraryn.
Tutan maksadyma tarap gidesim gelýär, bu meniň ýolum. Ikirjeňlenenleriň we üýşenenleriň üstünden syçrap galaryn. Meniň ösüşim olaryň batyşy bolar.”

10.

Gün dik ýokardaka Zaratuştra bulary öz kalbyna aýdypdy. Ol bir guşuň jürküldisini eşdip, belentlere göz dikdi. Seretsene! Bir bürgüt asmanda eýläk-beýläk urunýar, bürgüdiň penjesinde ýylan bardy. Ýylan onuň awy ýaly däl-de, ýoldaşy ýaly bolup görünýärdi, ol towlanyp bürgüdiň bogazyna ýapyşypdy.
Zaratuştra “Bular meniň haýwanlarym” diýip, begençli

pyşyrdady, dünýäniň iň buýsançly we iň akylly iki haýwany seýle çykypdyr.
Olar Zaratuştranyň häzirem aýatda diridigini ýa-da däldigini biljek bolýarlar. Hakykatdanam men dirimikäm?
Özümi adamlaryň, haýwanlaryň arasynda duýýanlarymdan has beter howpda duýan ýaly boldum. Zaratuştranyň barýan ýollary howply. Haýwanlarym ýolbeledim bolsun!”
Zaratuştra bulary köňlünden geçirensoň, tokaýdaky ýagşyzadanyň aýdanlary ýadyna düşdi we içini çekip, kalbyna şeýle diýdi:
– Has akylly bolaýsadym! Ýylanym ýaly doly akylly bolup biläýsedim!
Ýöne indi mümkin däl arzuwy edýärin, şonuň üçin, buýsanjymyňam hemişe akylyma hemra bolmagyny isleýärin.
Günleriň bir güni uçup gitmegi juda gowy görýän akylym meni taşlap gitse, şol wagt buýsanjymam akmaklygym bilen bile ýol aşsyn!
Şeýdip Zaratuştranyň batyşy başlady.

Dowamy bar >>

Terjime eden Has TÜRKMEN. Filosofiýa